# Hurmalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Hurmalar HURMALAR



Çür başyndan pürküp ýaşyl çybygyn,
Beýewanda sopbaş duran şol hurmañ
Kökün urup, mesgen tutan sährasyn
Asty ýaply çar baglara çalşyrmañ.
Soýlar şonda şol hurmanyñ gabygy,
Gurar şonda şol hurmanyñ damary,

Bagbanlyk et ~ baldaklardan öl ötmez
Çölün ýatlap dolar durar damagy.

Dökülşi deý adamzadyñ saçynyñ
Aýra düşeninde garyndaşyndan,
Ýapraklary towlanyşyp, çürüşip,
Çybyklary düşer hurmañ başyndan.

Çybyklary düşer gopuşyp ýere…
Gökden bolsa uçar geçer durnalar.
«Ajap durna sähramyzy gördüñmi?» –
Şepbik baglar, aglar durar hurmalar.

Sähradaky hurmalara syn edip,
Müñläp-müñläp araplary ýatladym.
Pursat-salym Saharadan göterlip,
Ol jöwzaly Palestina ätledim.

Bu ýerde ses edýär arap enesi,
Aglaýar çöllüge sürlen çagalar.
Ret edýär bularyñ dogduk depesin
Wagşa dönen ysraýylly agalar.

…Saharada bolsa hurma silkinýär,
Silkinýär asmanda gazapdan ýaña.
Dunaýdyr Jeýhunyñ, Wolgañ boýunda
Dünýäniñ baglaram goşulýar şoña!

Kair, 1970.

Annaberdi AGABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular